# Bu asmanyñ astynda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bu asmanyñ astynda BU ASMANYÑ ASTYNDA

Sahawatly ene ýer
Bu asmanyñ astynda.
Özün tutýar Güne ýer,
Bu asmanyñ astynda.

Daraw-daraw bulutlar,
Ot-çöpleri unutmaz,
Ýaşaýar dürli ýurtlar,
Bu asmanyñ astynda.

Nurun saçyp Gün bakar,
Günüñ nury hoş ýakar,
Zähmet çekseñ, bal akar,
Bu asmanyñ astynda.

Yşkyñ maýyl dag-düze,
Çölem misli bag bize,
Dostluk arkadag bize
Bu asmanyñ astynda.

Ýagyşy, ýeli derman,
Güli hem baly derman.
Ýöne biz myhman, arman,
Bu asmanyñ astynda.

Nazly TUWAKGYLYJOW. Goşgular